# Kämilleriñ edähedi

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Kämilleriñ edähedi KÄMILLERIÑ EDÄHEDI

Kämilleriň edähedi her zaman,
Kesbini ýöretjek şägirt saýlaýar.
Aňda baryn, kalpda baryn aýaman,
Adam özün adamlara paýlaýar.

Begenip, guwanyp, şatlanyp, böküp,
Inçe duýgusyndan dünýä erş çekip,
Kalbyn keşde-öýdümlere paýlaýar,
Gazal-goşga, aýdymlara paýlaýar,
Adam özün adamlara paýlaýar.

Mahal-mahal bir töwekgel iş edýär.
Eden işin bigaýratlar puç edýär.
Gülden näzik ýüregini daş edýär.
Ynsabyny ýuwdanlara paýlaýar
Bir kör zehin nadanlara paýlaýar
Adam özün adamlara paýlaýar.

Adam ömrün adamlara paýlaýar.
Hem ömrün ynsandan bognap ýygnaýar,
Şonuň üçin bu dünýäden gidende,
Süýndürip, syndyryp asman ýyldyzyn,
Zemine-de sygmaýar,
Asmana-da sygmaýar… Goşgular